# Arşyñ üstünde geçen press-konferensiýa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Arşyñ üstünde geçen press-konferensiýa Ýaradan ýaradyp ilkinji Aty,
Çagyrdy ullakan pres-maslahat.
Maslahata geldi ähli haýwanat.
Haýwanlaň şu günki, ertirki bagty
Hakynda söz sözläp tutuş bir sagat,
Ýüz ýylyň işinden berdi hasabat.

Soň diýdi: «Ýene-de bir mesele bar.
Şony hem çözäýsek – maslahat tamam
Gaty toýnaklylaň maşgalasyna
Goşulmaly şu gün täze bir haýwan».

Onýança-da kişňäp şol täze haýwan
Derwezeden girdi. Ony görende,
Maslahata gelen ýedi müň haýwan
Doňup galdy duran-duran ýerinde.

Gözüňe söwdügim, şeýle bir bedew:
Alkymy – daglaryň alkymy ýaly.
Ýakymy – bägüliň ýakymy ýaly.
Ýallary – hüýr gyzlaň çokuly ýaly.
Guýrugy – maýsanyň tolkuny ýaly.
Akyly – dananyň akyly ýaly.

«Ynha indi her kim näme islese
Aýdybersin! – diýip, gobsundy rahman –
Kemçiliksiz zady ýaradaýmak kyn,
Entegem ýetmezi bolmagy ahmal…»

Hemmelerden ozal söz alyp Eşek,
Ýaradana bakyp, eýledi tagzym:

«Juda ajap haýwan ýasapsyň, Taňrym,
Ýöne hasam beter ajap bolardy
Bili bir azajyk bolaýsa ýogyn,
Gulagam azajyk bolaýsa uzyn.
Ýogsa göwre uly, gulagam kiçi…
Diýmek, formasyna ters gelýär mazmun».

Soň Geçi mäledi: «Ýa perwerdigär,
Beýle ajap haýwan älemde seýrek.
Bu ýöne haýwan däl, duran bir melek
Ýöne weli özüň hudaýam bolsaň,
Entek bir tarapyn edipsiň telek:
Eňegi-hä köse, kellesem kelek.
Muňa bir şah bilen Gür sakgal gerek!»

Replika berdi erkejik towşan:
«Abat günümizi etmäliň bibat.
Şahynyň ýoklugy örän gowy zat.
Şu göwresi bilen şahy hem bolsa,
Biziň hemmämizi gyrar zalywat!»

Hudaý bir ýylgyrdy. Ondan bihabar,
In soňky hatardan bögürdi Öküz:
«Ýa ýaradan, seniň keramatyňa
Bolmandym, bolamok, bolmanam müňkür,
Gulagy-da ajap, alny-da ajap,
Guýrugy-da ajap, ýaly-da ajap,
Ýöne weli kişňemegiň deregne
Molaýsa, ajabyň ajaby boljak!»

Ýene bäş-on haýwan çykyp sözledi.
Biri eýle diýdi, birisi beýle.
Sagadyna bakyp diýdi Ýaradan:
«Belki, çekişmäni jemlärsiň Düýe!»

Buýsanyp özüniň ululygyna,
Biperwaý gäwüşäp, diýdi ol: «Ýa reb,
Aýdylan zatlaryň bary biderek.

Oňa ne şah gerek, ne uzyn gulak,
Ne-de sakgal gerek, ne-de molamak
– Bary-ýogy oňa bir örküç gerek!»

Hudaý ýylgyrmadam,
Gaharlanmadam.
Ýerinden turdy-da, diýdi: «Wessalam,
Indi şunuň bilen maslahat tamam.
Örän köp peýdaly zatlar aýtdyňyz,
Sag boluň. Nazarda tutaryn hökman».
Nazarda tutupmy ýa-da tutmanmy –
Ol maňa-da aýan, Size-de aýan.

Kerim GURBANNEPESOW. Goşgular